# Ak göwsüñi maña sary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ak göwsüñi maña sary AK GÖWSÜÑI MAÑA SARY

Ak göwsüñi maña sary
Açma, meni öldürersiñ!
Ala gözüñ süze-süze
Bakma, meni öldürersiñ!

Öldürip ganyma girme,
Her ýetene köñül berme,
Ala göze syýa sürme,
Çekme, meni öldürersiñ!

Göwheri diýr, şahy-bilbil,
Ak gerdeniñ binaýy-pül,
Ýañagyña gyrmyzy gül,
Dakma, meni öldürersiñ!

- **AÝDYM**

Meni kimse güýmäbilmez,
Meniñ könlüm alan gelsin.
Tebipler bilmez emini
Meni derde salan gelsin.

Maýyl men serwi boýuna
Melek garylmyş soýuna
Çykarnyp urýan goýnuna
Synasyna dola:n gelsin.

Gaşlaryñ ýaý, kirpigiñ ok,
Saña maýyl bolanlar köp,
Jahanda deñi-taýyñ ýok,
Şol gaşlary keman gelsin.

Göwherini kimse bilmez

Aşygyn agladan gülmez
Ismini söýlemek bolmaz,
Pylan gyzy pylan gelsin!..

Aşyk GÖWHERI. Goşgular